Her bir güni “biri-birinden gowy” diýip taryha ýazylýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda beýleki ugurlar bilen bir hatarda bilim ulgamy hem ösüşiň täze basganҫaklaryna çykýar. Döwletimizde ýaşlara uly ynam bildirilýär , çünki olar ýurdumyzyň ýagty geljegini kepillendirýär. Bu günki gün ýaşlarymyzyň dünýä ülňülerine laýyk gelýän ylymly-bilimli ýaşlar bolup ýetişmegi üçin uly tagallalar edilýär. Türkmenistanda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek, giň gözýetimli, häzirkizaman innowasion tehnologiýalary dolandyrmaga ukyply, tehnikanyň soňky ýeten derejelerinden habarly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmek boýunça uly işler amala aşyrylýar.

Güneşli Diýarymyzyň bilim ulgamynda dünýäniň ösen döwletleriniň oňyn tejribesi işjeň öwrenilýär, daşary ýurtlaryň bilim we ylym merkezleri bilen hem-de halkara guramalar bilen gatnaşyklar yzygiderli giňeldilýär. Çünki, Türkmenistanyň Bilim hakyndaky kanunynyň 1-nji maddasynda “Jemgyýetiň ruhy, durmuş, ykdysady we medeni ösüşiniň esasy hökmünde bilimi kämilleşdirmek Türkmenistany ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar” diýip bellenilýär. Indi ýurdumzyň orta mekdeplerinde, hünär we ýörite orta hünär mekdeplerinde, ýokary okuw mekdeplerinde öz ene dilimizden başga-da birnäçe daşary ýurt dilleriniň öwredilmegi munuň aýdyň mysaly bolup durýar. Ýurdumyzda daşary ýurt dillerini öwrenmek hökmany bolup, öwrenmegiň we öwretmegiň ähmiýeti örän uludyr. Türkmenistanyň her bir raýatyna mekdebe çenli çagalar bagyndan başlap, daşary ýurt dilleri hökmünde iňlis, rus dilleri öwredilip başlanylýar.

Ýurdumyzda ähli ýaşlara bilim babatda döwlet tarapyndan uly goldaw berilýär. Gahryman Prezidentimiziň tagallasy bilen “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda “ Türkmenistanyň kanunynyň rejelenen görnüşi kabul edildi. Şeýle hem Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň “Ýaşlar Watanyň daýanjy” atly kitabynda 2023-nji ýylda Ýurdumyzyň abraýyny has-da belende göteren ýaşlaryň sanawy ýerleşdirildi.

Şeýle bagtyýar günlerde ýaşlara okamaga, kämil derejede bilim almaga, döretmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Hormatly Arkadagymyza hem-de Hormatly Arkadagly Serdarymyza uly alkyşlar aýdýarys.

**Ogulgerek BATYROWA**
**Lebap welaýaynyň**
**Çärjew etrabynyň**
**29-njy orta mekdebiniň**
**Kärdeşlr Arkalaşygynyň başlygy**

Все права защищены